# «Nepes sen sözleseñ ulus illerde…»

Category: Kitapcy,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Nepes sen sözleseñ ulus illerde…"




*Nepes sen sözleseñ ulus illerde,*
*Bilbil şeýda bolar täze güllerde.*
*Asal ezgil dahan içre dillerde,*
*Ary hüjüm eýlär bal sesin añsa.*

Şu setirleriñ awtory Mollanepes hem bir wagtlar oglan okadypdyr, emma ol döwürde okuw-ylym hemme kişä ýetdirmändir. Bu meselede aýratyn-da aýal-gyzlar kemsidilipdir. «Aýal okap kazy bolmaz, köpek ýüwrüp tazy» diýilýärdi. Şol wagt aýal-gyzlaryñ başy açyk görülse, uly masgaraçylyk hasaplanardy.

Zamana üýtgedi. Indi ulus iller okuwa-ylma edil bala ary çozan ýaly çozýar. Mollanepesiñ asala-bala barabar sözlerini uly il okaýar.

Şu suratdaky Güljan Sopyýewa Ýylanly raýonynyň 1-nji onbirýyllyk mekdebiniň 11-nji klasynda okaýar. Ol esasy sapaklarynyň daşyndan çeper eserleri, esasanam Mollenepesiň eserlerini okamagy söýýär.

K.Toýlynyň fotosy.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 24.10.1962 ý. Ýatlamalar